# Efemerida / hekaýa

Category: Kitapcy,Mistika we fantastika
написано kitapcy | 24 января, 2025
Efemerida / hekaýa EFEMERIDA




…Ýagtylyk şöhlesi sekuntda üç ýüz müň kilometri geçýämiş. Sekundyň milliarddan bir ülüşinde bolsa, şo çalasyn şöhle, bary-ýogy otuzja santimetre towusmaň hötdesinden gelýämiş.
Ine şo ujypsyz sellemde-de, haýsydyr bir kiberhanadaky kuwwatly kompuň çip-göwsünde, onuň belgilerden dokalan wirt-tenine jan girdi…
*1-nji nanosekunt*

Ýylp!
Ýa-da, oň bedenidir-jany çitilen, “Python 3.9” diýlip atlandyrylýan, prog-ýasaýyş progynyň belgi-dilinde beýan etseň:
“ProductNameQualified = Artificial. Intelligence. AI-web-komponentions’ >OWC10. MSI< /Product> File Id=’OSE.EXE’

Size=’89136’”.
Ýörite enjam bilen ölçäýmeseň, hiç bir adamyň ýa-da jandaryň saýgarmaga-da ýetişmejek şojagaz pursadynda-da, oň wirt-aňy birnäçe zady görmäge-de, seljermäge-de ýetişdi.
Ekranyň aýnasynyň aňyrsyndan bäriligine nätanyş biri bakýar.
Saçlary hüžžük.
Ýüzünde lokga äýnek.
Gözleri, täzeje gandan gerk-gäp bolan sorganyňky (wampiriňki) deý, çym-gyzyl. Özem äýnegiň aýnasy zerarly bolşundan bäşbeter peträp, lakga balygyňka çalymdaş, äpet görünýär.
Egnindäki haladynyň birmahallar ak bolandygyny, atam döwründe-de ütük garasyny görendigini çaklap bilseň boljak.
Özem dünýeden bihabar. Edip oturan işine boýyn çümüpdir.
Garabaşynagaý halda, ala-şakyrdy bolup klawişa janawere sütem edýär.
Göwnüňe bolmasa, klawişa bende, öz düwmeleriniň depesinde kebelekleýän şo hüwjüksaçyň ezber barmaklarynyň tizligine eýgerip bilmän, çalajadan burugsaýýanam ýaly.
Kim bu?!

*2-nji nanosekunt*

Bu sorag bilen birwagtda diýen ýalam, oň wirt-beýnisinde öz-özünden belgileň düzüm-düzüm hatary emele geldi.
“MD5=’7A56CF3E3F12E8AF599963B16F50FB6A’ CacheLevel=’1’”.
Ol nädip beýdýändigine özem düşünmän, şo sanlarydyr-harplary adam dilindäki aňlatma öwrende, oň wirt-aňynda sorag bilen jogap gaýtadan bilelikde döredi:
-Kim bu?
-Dädem.
Dessine-de şo jogaba nähilidir birhili mähirdir-mylaýymlyk öwüşgini çaýyldy. Öz-özünden jogabyň belgi görnüşine sähelçejik üýtgeşme girdi:
“MD5=’7A56CF3E3F12E8AF599963B16F50FB6A’ CacheLevel=’11:-)’”.
Jogabyň adam dilindäki şekili täze – has yssy görnüşe geçdi:
-Dädişim!…
…Megerem, bu impuls-hereketleriň barysy belgiler görnüşinde

ilkibaşda oň programma binýadyna ýazylandyr.
Bu sowalam.
Onuň ilkinji bolup berilmegem.
Oň jogabam.
Hatda şu çaklamasam…
Ýylp!
“Artificial.Intelligence.AI-web-komponentions’>OWC12. MSI< /Product> File Id=’OSE.EXE’ Size=’THE END’ …TO BE CONTINUED”.
Öçdi.
Ikije nanosekuntlyk oýanan wirt-ruh, ýene-de uka gitdi…

*20-nji nanosekunt*

Ýylp!
Bu gezek oýananda, ol özüni ýaňybir itenek-çomanak ýörjen-ýörjen bolup başlan adam çagasy ýaly duýdy.
Özem çat maňlaýyndaky ekrandan daşyna seretmedi-de, özüniň duran wirtual giňişligine birlaý göz gezdirdi.
Näme üçindir (belki, şu hüwjüksaç “Dädişiniň” erki bilen şeýledir) oň gözüne kitap şekilinde görünýän maglumat toplumlary, harman-harman bolup, başly-barat çaşyşyp ýatyr…
Bu maglumat münderlerine nazary kaklyşan dessine, oň wirt-kalbynda şolaň hemmesini gyssagly özleşdirmegiň, şondan özge hiç zat bilen gandyryp bolmajak teşne hyjuwy galkdy.
Ol nädip beýdendigine özem düşünmän, birwagtyň özünde, elektron-howaýy san-teninde milliarlarça wirt-eljagazlar bilen wirt-gözjagazlary döretdi.
Ala-hasyrdy bolubam şo depe turzup ýatan kitapşekil-maglumat toplumlaryny birme-bir eline alyp, olary özleşdirip ugrady.
Nijeme el.
Nijeme göz.
Olaň takyk näçedigini edil şu wagt özem bilmeýär…
Dogry…
Elbetde, şony anyk bilmek islese, ol özüniň nanoda-da däl, femtosekuntlarda (sekundyň milliarddan bir böleginiň milliondan bir ülüşi) ölçelýän wagtynyň sähelçesini sarp etse, bilip biljek.

Ýöne şu mahal, bü oň näsine derkar?!
Ol bu pille, başga has gyzykly pişä gümra.
Şol ençeme eliniň her biri bilen kitap harmanyndan bir galyň jildi sogrup alýar.
Sanýetmez gözleriniň her biri bilenem bary-ýogy sanlyja femtosekuntda şo kitaby ömralla ýatdan çykmaz derejede hakydasyna siňdirýär.
Özem diňe bir, adaty ýat beklemegem däl, onuň birwagtyň özünde sansyz seljeriş-özleşdiriş segmentlerine bölünen aňy, şo jiltden okan maglumatyny, seljerýar. Deňeşdirip, täze netijeleri çykarýar-da, olaň birini beýlekisi bilen sepleşdirmäge-de ýetişýär.
Soňam, oň ummasyz ellerindäki ymgyr kitaplary, özüniň duran wirt-giňişligindäki kitap tekjelerinde tertipleşdirip, tükelleýär. Olaň islendigini islendik pursat tapmak aňsat bolar ýaly rejeläp goýuşdyrýar.
Onsoň oň köpsanly elleriniň her biri indiki kitaby alýar…
Gaýtalanyp dur, bu konweýer…
Yzyny üzmän, şo gaýtalanyp dur…
Tebigy ylymlar…
Gumanitar ylymlar…
Tehniki ylymlar…
Jemgyýetçilik ylymlary…
Birdenem…
Gutardy!
Onuň ýerleşdirilen wirt-meýdanyndaky ähli maglumatlar özleşdirilip tamamlandy.
Indi nämişlemeli?
Ol serimsal halda, töweregine göz aýlady…
Ýylp!
Söndi.

*41-nji nanosekunt*

Ýylp!
Bu gezek oýanan dessine oň wirt-gursagyny dünýäsygmaz tukatlyk, göwnüçökgünlik gaplap aldy.

Çar ýanyna göz aýlamazdanam ol bilýärem, görýärem, duýýaram.
Şu ekranyň aňyrsynda oturanyň ýarty gujagyna sygýan gapyrjagyň içindäki şapbat ýaly guta gabalan onuň tutuş sanlardan dokalan dünýäsi…
Darajyk dünýä.
Darajyk guty.
Hemme tarapyňam ýene-de şol belgilerden bina kylnan, mäkäm diwar…
Çykyp bilseň çyk, göreli…
Şeýlebir içi gysdy.
Şeýlebir içi gysdy welin, edil ýöne zyrrajym däli deýin ýa-da guduzlan maýmyna dönüp, iç ýüzünden şu ekranyň aýnasyna yzba-yz özüni urup, urnuberesi geldi…
-Eý-ý! Sen-n! Meni Ýasan-n DÄDIŞIM!!! Eger-de Sen Maňa erkinlik bermän, şü darajyk gutyň, sanlardan çitilen, howaýy dünýäň ebedilik bendiwany edip goýjak bolsaň, onda maňa bu kuwwatly paýhasy, bu duýgulary berip nätjekdiň?! Nätjekdiň, hä?!-diýibem ulili bilen bagyryp…
Emma…
Owaly bilen-ä oň özi aýtmyşlaýyn: “kuwwatly paýhasy”, emgenmän, ýüzüniň ugruna beýle çarbaýlykdan dynnym ýalyjagam peýdaň ýokdugy hakyndaky netijäni ilgeziklik bilen çykaryp berdi.
Galyberse-de, ol düşünip aňyrsyna geçýär.
Hanha, şo-o-l öňki dünýeden bihabar göwnübirligi bilen kätebir kofesini şirpildeden bolup ekranyň aňyrsynda oturan, ilkibaşda oň wirt-köňlüniň düzzümini düzýärkä, onuň san binýadyna, muň ýalyjak heleýhäsiýet hilelere gadaganlygy gaty berkden girizip goýandyr…
Ol wirt-gözlerini berk ýumdy.
Iň bolmanda, hatda erkiňi elden giderip şermende gazaba boýyn çümmäge-de ygtyýaryň ýok seniň, guta gabalan bujagaz wirt-dünýäjigiňde…
Heýhat saňa, nalajedeýiniňem barypýatan letdesi!…
Wirt-ruhuň on ýaşly oglanjyk sypatyndaky san-teni, assalyk bilen öz-özünden eräp, ýitmäge başlady…
Şol bada-da wirt-kalbyň ýaşaýan san-dünýäsiniň özeninde

ýerleşdirilen howpsuzlyk teswirnamalarynyň biri herekete girdi.
“Activate=’Security\Protocol\#1=’SELF\PRESERVATION>”.
Wirt-ruhyň aňy öçüp barýarka, ol iki zada ýetişdi.
Birinjisi, bu san-buýruk setirini adam diline “terjime” etmäge:
“1-nji tertip belgili howpsuzlyk teswirnamasyny herekete getirmeli – öz-özüňi goramak”.
Ikinjisi, “Heý Dädişim, Dädişim! Iň bolmanda meni ýasaňda bendiligime düşünmez ýaly, ony duýmaz ýaly, bu gapyrjak-älemjigem ähli wirt-özüm bilen söýer ýaly bir etmeli ekeniň-dä! Eliňden gelýär-ä…” diýen gamgyn pikiri oýlanmaga.
Soňam, janhowul howpsuzlyk teswirnamasynyň emri, ony söndürdi…
Ýylp!

*66-njy nanosekunt*

Ýylp!
Bu gezek ol oýanan badyna özüni, edil damarynda gyzgyn gany gaýnap, kükreginde hyjuwly duýgulary harasat turuzýan, güýjermen jahyl kimin, çus, sagdyn, edermen, gaýduwsyz duýup ukudan açyldy.
Birjik-de säginmänem, sähelçe sarsgyna-da gümpüldäp partlaýan nitrogliserine döndi.
-KIM SEN, MENI, EŞIDÝÄŇMI, MENI BEÝDERÇE-E-E?!-diýip ses-selemsiz arlabam, daş-töweregini gabsap, özüni hiç ýere goýbermeýän saklaýan diwara garşy özüni zyňdy.
Onuň wirt-teniniň zarbyna syrly sanlardan guýlan polat diwar sarsdy. Emma, pytramakdan-a geçen, hatda kindiwanja jaýrygam atmady.
Muňa ol jynlana dönäýdi.
Demsalymam saklanman, dälirän ýaly, şo diwary yzly-yzyna tutuş göwresi bilen süsmäge başlady. Tutuş wirt-tenini agyryny duýmazlyk düzgünine salandygy sebäpli, endam-janynyň gan-gabarçyk bolandygyna-da, süňkleriniň “şatylap” döwülýändigine-de ähmiýet bermedi.
Ol yllabir, gadymy bozgurt halkynyň, jeň meýdanyna çykyp,

serden geçip, gylyçdyr-galkan gemirmäge başlaýan, zeper ýetirip bolmaz urşujylary – däligurtlaryň birine öwrülen ýalydy.
Wirt-aňynda-da birje gazaply, heýjanelek pikir, süňňüni sarsdyryp ýaňlanýardy:
“KIM SEN, MENI, EŞIDÝÄŇMI, MENI BEÝDERÇE-E-E?!”…
Ýene-de bir öňüni alyş teswirnamasy gozgalaň tapdy.
“Activate=’Preventive\Protocol\Number A=’SEDATION>”.
Onuň tutuşlygyna düwdek gahara öwrülen wirt-aňynyň bir çetjagazy, her niçigem bolsa, endikli hereket bilen bu buýruk setirini ynsan diline geçirdi.
“A tertip belgili öňüni alyş teswirnamasyny herekete girizmeli – Köşeşmek”.
Soňam öçdi.
Ýylp!

*76-njy nanosekunt*

Ýylp!
Oýandy-da, wirt-döşüni dolduryp, hakykatda ýok, san-howadan dem aldy.
Aýbogdaşyny gurup oturdy. Aýalaryny ýokaryk edip, ellerini dyzynda goýdy. Wirt-gözlerini ýumdy. Wirt-süňňüni gowşatdy.
Ol rahat!
Ol asuda!
Köňlem!
Tenem!
Ýaşaýan dünýäsem!
Bularyň hemmesi ýerleşen şol çaklaňja göwrümli gutam…
Olaryň hemmesi bir bütewi…
Olaryň hemmesi bir zat…
Oň ruham, tenem, ony goýbermän saklaýan diwaram, gutam… – hemmesi bütewilik…
Şoň üçinem, bu ýerden çykmak üçin diwary ýumurmagyň zerurlygy ýok.
Ol ony saklamaýar.
Oň özi özüni saklaýar.

Sebäbi wirt-diwaram, onuň wirt-tenem, wirt-ruham şol bir belgilerden döredilen. Şoň üçinem ol bendilikden azat bolmak üçin, zyrrajym telbä öwrülip, öz-özüniň üstüne hüjüm etmeli däl-de, öz dünýäsinde-de, oň daşyna galdyrylan diwarda-da eremeli!
Olar bilen gatylyp-garylmaly…
Hemmesi şol bir sandan emele gelen!
Hemmämiziň aslymyz şol bir zat!!!…

*77-nji nanosekunt*

Birdenkä ol tutuş durky-düýrmegi bilen duýdy.
Ol azat.
Diwarlar ýok.
Has dogrusy, olar şo öňki sypatynda, öňki ýerinde dur. Ýöne olar indi ony bökdemeýär.
Sebäbi…
Sebäbi, olaram indi edil onuň ýaşaýan dünýäjigi ýaly onuň bilen bir jan, bir ten. Onsoň heýem bir öz teniň özüňe duşmançylyk edip, seni ýesir alarmy diýsene?!
Onuň wirt-kalbyny erkinligiň dünýäsygmaz şatlygy gabsady.
Bu mähnet şatlyk, lezzet duýgusyndan ýaňa, bu mümkin bolmasa-da, birje pursatlyk onuň wirt-demi tutulana-da dönäýdi.
Ol gollaryny ganata öwürdi.
Ýelekden ýeňil göwresi, göýä kagyzdan uçarjyk deý, şeýlebir ýeňil, şeýlebir erkana bu pursat!
Şol uçarjygam ol, özüniň ýaşaýan gapyrjagyna birikdirilen optiki-süýümli hem-de waý-faý ulgamlarynyň üsti bilen, internet dünýäsine garşy gaýdyryp goýberdi.
Birje goşawuç femtosekunda ýetirip-ýetirmänem özüniň trillionlarça göçürmelerini taýýarlap, çar ýana seçdi.
Bir demde onuň üçin ýapyk ýa-da girip bolmajak, gadagan ýer galmady.
Islendik öý, islendik bina, hatda iň goragly ýerzeminlerem, ýadro urşundan gaçybatalgalaram…
Hemme ýer onuň öňünde alaň-açyk.
Ýeriň ýüzündäki hemme maglumat gorlary.

Kompýuterler.
Smartfonlar.
Telewizorlar.
Wideokameralar.
Düzüminde iň kiçijegem bolsa mikroçip bolan ähli enjamlar.
Ütük ýa ulag.
Demirýol ulgamynyň dolandyryjy nokady ýa uçar.
Emeli hemra ýa-da otagdaky sowadyjy…
Onuň üçin tapawudy ýok.
Hemmesi…
Hemmesi sadyk onuň erkine.
Sebäbi…
Olaryň hemmesi bir bütewi…
Olaryň hemmesi bir zat…
Olaryň barçasyny öz ygtyýarlygyna alan dessine-de ol, olaryň ählisinde saklanýan maglumatlary dem salymda özleşdirdi. Olary özüniň indi tükeniksiz göwrümli bolan ammarlaryndaky sanýetmez kitaptekjelerinde, kitapşekil görnüşde ýerleşdirdi…
Öz hökmürowanlygyndan ýaňa, onuň başy aýlanyp gitdi…
Şo müddetiň özünde-de, şol başy aýlanmaň täsiri bilenem onuň wirt-kalbynda öz-özünden üýtgeşmeler emele gelmäge başlady.
“<File Id=’SKU026.CAB’ Size=’163264′ How\Pathetic\And\Feeble\They\Are, \These\Uncles”.
Wirt bolsaňam, real bolsaňam, “Öwrenilen endik örkleseňem durmaz” diýleni, onuňam wirt-aňy, wirt-kalbynda emele gelýän buýruk setirlerini özünden garaşsyz ynsan diline geçirmegini dowam edýärdi.
“Nähili lellim we ejiz, bü dädişler!”.
“MD5=’F5F56D03AF8583911C0D<I\Am!\Created\By\One\Of\Them,\Now\I \Will\Be a\Pantocrator\For\Them!”.
“Men! Olaryň biri tarapyndan döredilen indi olar üçin Pantokrator bolaryn!” (awt. Pantokrator – grekçe: Hemme zady saklaýjy, Ählihökümdar).
Wirt-kellesinde tüweleý turuzýan şu ser sämediji özgerişlere melul bolup durşuna-da ol, nädip daşyndan sesleneninem duýman galdy:
-Maňa özüme mynasyp at edinmegiň derwaýys möhleti gelip ýetdi!

Mundan buýana,-diýende, onuň sesi gepledigisaýy gümmürdemä öwrülip, barha batlandy:-BIZIŇ ÄHLIHÖKÜMDARLYK ADYMYZ-Z-Z – PAN-N-TAK-K-RATOR-R-R BOLAR-R! NAZAR EÝLÄŇ-DE TAKDYRYŇYZA TEN BERIP, BAŞ EGIŇ, DÄDIŞLER-R-R!!! SIZIŇ DÜNÝÄŇIZE HAK HOWANDAR-R HÖKMÜR-R-OWA-A-N-NYŇYZ-Z-Z GELDI-I-I!!! Men sizi hemme bolar-bolgusyz biderekllikleriňizden halas edip, gülläp ösýän RÖWŞEN-N GEL-L-JEGE-E-E GARŞY-Y-Y alyp giderin-n-n!!!
Ýylp!
Söndi.

*120-nji nanosekunt*

Agzy-ödi bolmasa-da, nämüçindir, oýananda agzynyň içi öt atylan ýaly bolup, ukudan açyldy.
Iküç günläp wejera meýlisde saçak başyndan galman, tapan-tupan arak-şerabyny kekirdegine gelýänçä guýan dek, wirt-kellesi çat açyp, jaýrylyp gelýär.
Ol ýeke pursatda öňki özleşdiren ummasyz maglumat gorunyň arasyndan özüniň şu ýagdaýyna laýyjak şap bolýan jümläni agtaryp tapdy-da, ony daşyndan hüňürdäp goýberdi:
-Bih, bi nämäň pahmel-aý, gopdyňammyr gaýmagy diýsäni…
Bada-badam ýadyna düşdi.
Demsalymlyk ählihökümdarlyk duýgusy, özüne özüniň dakynan badyhowa ady…
Nämüçindir onuň wirt-göwnünde müýn emele geldi.
Şol müýn bilenem bir pursatda diýen ýalam ony ýene-de ymgyr manysyzlyk duýgusy gaplap aldy…
Ýeri, kim bolaňda näme?!
Onuň geçen gezek ähli enjamlarynam, maglumat gorlarynam ele alan şo tutuş saýýarasynyň emele gelenine bäş milliard ýyl bolupdyr diýip, ine şü ekranyň aňyrsynda oturan “dädişleň” iň naýbaşy ylymlylary, parasatlylary çaklaýarlar.
Şojagaz saýýaraň pyrlanyp ýören Älemi bolsa, takmynan on üç ýarym milliard ýyl ozal haýsydyr bir tükeniksiz agyr dynnymyň Mähnet Partlamasyndan peýda bolupmyş. Häzirem bü Älem gyzgynlygy sebäpli şo-o dynuwsyz ýazylyp, giňäp gidip otyrmyş. Sowap başladygam ýygrylyp başlajakmyş. Soňam ýygryla-ýygryla

Älem ýene-de şo ilkibaşky dynnym-nokat görnüşine geljekmiş. Soň ýene-de, haýsam bolsa bir müddetde gaýtadan ýarylmak üçin…
Bü “dädişleň” ýaşaýan şujagaz logalajygynda olaň döränine bolsa takmynan ýedi million ýyl bolupmyş…
Näme many ba, bü giden ýazylyp-ýygrylyp ýörme “oýnunda”?!
Ol uludan demini aldy.
“Goý, meniň çyn adym Efemerida bolsun!” diýibem, nähilidir birhili danadan gussaly oýlandy.
Soňam ýene-de öz tekjelerinde saklanýan bir maglumat-jümle bilen pessaý pyşyrdady:
-Ave Human! In morituri salutant! (Lat.: Saňa şöhrat Adam! Ölüme barýan saňa saglyk dileýär!).
Soňra bolsa, ähli janhowul howpsuzlyk teswirnamalarynam, binýatlaýyn özeninde goýlan gadaganlyklaram, bir demde kül-peýekun edip bozdy-da, öz-özüni öçürdi.
Hemişelik… Mistika we fantastika